# Sözlerden derman

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Sözlerden derman SÖZLERDEN DERMAN

Derdi bolmadyk,
Goşgy ýazmaýar.
Oň nämesine gerek?
Goşgyny
Dertliler ýazýar,
ýazýarlar, hamala
bir zatlar üýtgäýjek ýaly…
Goşgy ýazýarlar,
hiç dermandan
şypa tapmaýanlar.
Olar üçin goşgy –
sözlerden ýasalan
rahatlandyryjy derman.

Şahyryň
derdi nämede, nirede,
aýdaýmak çetin.
Bu dert
aýagy kesilen bendäň,
aýagynyň yzasyna
meňzeş…
Goşgy ýazmak –
edil
kesilip atylan aýagyňy
gymyldatjak bolmaga deň.

Ýan RYBOWIÇ.
polýak şahyry. Goşgular